# Lal gyza…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Lal gyza… LAL GYZA…



Gulagyñ eşdenok, gürläp bileňok,
Bize tanyş dilde, biziñki ýaly.
Diliñe düşünmän adam sürüsi,
Señ adyñ yzyna dakdylar «Däli».
Däli bolmasam-da, telbe dünýämi,
Syrdaş saýyp käte gelýañ ýanyma.
Çynyñ bilen gürrüñ berýäñ bir zatlar,

Men diliñe düşünýän deý, hamala.

Düşündirýäñ hereket hem üm bilen,
Ejeñ, daşbagyryñ taşlap gidenin.
Kakañ bolsa baka göçüp bimahal,
Garry eneñ gözün ýaşlap gidenin.

Wah,diliñ bolsady, ýene köp zady,
Bilýän,sen janygyp gürrüñ bererdiñ.
Başga zat elimden gelmese-de meñ,
Saña biraz göwünlig-ä bererdim.

Belki,däli dünýäñ o tarapynda,
Seni kösän diliñ zybana geler.
Meniñ bolsa gorkýan zadym o ýerde,
Bu dilim lal açar, amana geler.

Gürleşesim geler, has içgin-içgin,
Maña tanyş dilde gürläniñ eşde.
Ýöne meni goýberermi sakçylar,
Günäsizleñ mekanyna, behişde?

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular